# «Jim» harpy

Category: Goşgular,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Jim» harpy «JIM» HARPY



Läle ruhlarda dile buýy wepa bolmaz hiç ,
Sägin, umydy kerem kylma, ata bolmaz hiç.
Saýaweş monfesel bolmaz o periden agýar,
Mundan özge dili uşşaga bela bolmaz hiç.

Elt ahym pelege, olamda peýweste mydam,
Ähli şest içre beli sähw-u hata bolmaz hiç.

Biz ki perwanaýy püri suhta şemgy ruhyz,
Nary yşga ýanaryz, seýd-u seda bolmaz hiç.

Maňa arz eýleme jamy Jemi saky zira,
Lagly nabyň kibi bir jamy sapa bolmaz hiç.

Lälezary elemi derd-u gam, boldum şindi,
Hassaýy dagy aşyga, ki dowa bolmaz hiç.

Terzi eşgary sapa bagşyňa ehsent Wesim,

Beýle hoş lähje-ýu näzikter eda bolmaz hiç.

* * *

Aşygy şifteýi dil , seň nedir bilmez hiç,
Merdi sähraýy junun , häng nedir bilmez hiç.

Noş eder huny elem , jam dilinden her dem,
Mesi yşgyň meý gülleriň nedir bilmez hiç.

Seň gam haky sütemi pester gamdan gaýry,
Bidiliň efser-u öwreň nedir bilmez hiç.

Rend azada degil ýary akyla mätäç,
Jemi mäneş barägi leň nedir bilmez hiç.

Wazgy hamuşyla halyny arz eýlär dil,
Murgy gülzary gam, äheň nedir bilmez hiç.

Howp bir wejhle , ýok jebr-u sütemkeşandan,
Şişeýi dili elem, seň nedir bilmez hiç.

Rahy kuşeşde säginme, Wesime aram,
Kerem-u menzil-u parsaň nedir bilmez hiç.

* * *

Serkeşte bark yşgyla leýl-u nahar möwç,
Manendi ragt her dem aýdar ah-u zar möwç.

Düri sepit husnyň bolup möwjhizi näz,
Joş etdi bahr boldy, o dem bikarar möwç.

Görse o mahy bolamda, ýämde bäglkeşa ,
Manent hala etmek üçindir kenar möwç.

Bir ýar aşnaýy, meger, jüsti-juý eder ,
Etmez karar şowk ile leýl-u nahar möwç.

Ol şähriýar kim ser rahyňda daýyma,
Ebri abýar boldy, göwheri nisar möwç.

Puýany däwan , çün döwr galtan , syna çäk,
Eýlärim üzre yşkla, keşt-u güzer möwç.

Menzil bolarmy salyň, bahr hakykata,
Bir ýerde eýlemez gör, bir dem karar möwç.

Bahr aşnaýy yşk, bolarmyş zelil-u har ,
Gör, kim kenara gelse, bolar häksar möwç.

Bat şemim zülpüň bolup äleme wezan ,
Gülzary etdi çün, rok ebr-u bahar möwç.

Feýz aragfeşan leb laglyňla eýledi,
Damanyň haky, ki pür gährabadar möwç.

Eks ruhuň, ki aýnaýa berdi ab-u tap,
Jemde-u humda urdy meýi hoşkwar möwç.

Ter dest hama bahry manyda, eý, Wesim,
Bir çeşmesar boldy fäwwaraýy zar möwç.

---

*Hiç – esasy nusgada «hij» bolup, türkmen dilinde «j» sesi «ç» sesi bilen berildi we «hiç» görnüşinde ýazyldy (çapa taý. bel.)*
*Monfesel bolmak – aýrylyşmak, jyda düşmek.*
*Peýweste olmak – baglanmak, seplenmek.*
*Ähli şest içre beli – altmyş ýaşda elbetde.*
*Sähw-u hata – ýalňyşlyk.*
*Perwanaýy pür suhta şemyg – şemiň oduna ýanan kebelek.*
*Seýt-u seda – gep-gürrüň, habar.*
*Jamy Jem – Jemşidiň jamy.*
*Terzi eşgar – goşgy düzüliş täri.*
*Ehsent – iň gowy.*
*Hoş lähje-ýu näzikter – hoş labyz we iň näzik.*
*Aşygy şifte dil – söýen ýürek, aşyk bolan kalp.*
*Seň – daş.*
*Merdi sähraýy junun – çölüň, sähranyň diwanasy.*
*Häng – akyllylyk, akyl-huş.*
*Elem – gaýgy-gam, hasrat.*

*Bidili efser-u öwreň – söýgi zerarly täj-u tagtdan geçen.*
*Rend azada degil – gaýgy-gamdan azat däl.*
*Ýary – kömek, ýardam.*
*Mäneş – tebigat, gylyk-häsiýet.*
*Barägi leň – agsak at.*
*Wazgy hamuşy– hal-ýagdaýy dymyp diňlemek.*
*Wejh – daşky görnüş; sebäp.*
*Rahy kuşeş – yhlas ýoly.*
*Serkeşte bark – sergezdan ýyldyrym.*
*Leýl-u nahar – gije-gündiz.*
*Manendi ragt – ýyldyrym kimin.*
*Möwjhiz – tolkun atýan.*
*Bahry joş etmek – deňziň joşmagy.*
*Ýäm – deňiz, okean.*
*Bäglkeşa – gujaklamak, bagryňa basmak.*
*Manendi hala etmek – köşeşdirjek ýaly bolmak.*
*Jüsti-juý etmek – agtarmak, gözlemek.*
*Şowk ile leýl-u nahar – gije-gündiz höwes bilen.*
*Ebri abýar – buludyň miraby.*
*Nisar – saçmak, bagyşlamak.*
*Puýany däwan – çalt ylgaýan.*
*Döwri galtan – çarhy-pelegiň aýlanyşy.*
*Zelil-u har – hor-homsy ýagdaýa düşen.*
*Häkisar – kuwwatsyz.*
*Bat şemim zülp – saçyň hoşboý ýelgini (ysy).*
*Wezan – öwüsmek.*
*Rok – açyk-aýdyň.*
*Jemde-u hum – çakyr saklanýan uly gap.*
*Ter dest hama – elimde täze döwet galam.*
*Fäwwara – çüwdürim (fontan).* Goşgular